**Döwlete dahylsyz kärhanalary (daşary ýurt maýa goýumlary gatnaşýan kärhanalar muňa girmeýär), olaryň şahamçalaryny we wekilliklerini bellige almak**

Bellige alynmak üçin şu resminamalar berilýär:

arza;

esaslandyryjynyň kärhanany esaslandyrmak, oňa ýolbaşçy bellemek, onuň tertipnamasyny (düzgünnamasyny) tassyklamak baradaky çözgüdi;

esaslandyryjylaryň esaslandyrylyş şertnamasy (eger esaslandyryjylar şahsy taraplar bolan ýagdaýynda resminama döwlet kepillendiriş edarasy tarapyndan tassyklanýar, eger esaslandyryjylar edara görnüşli taraplar bolsa, resminama Bellige alyş bölümi tarapyndan tassyklanýar);

iki nusgada esaslandyryş tertipnamasy (düzgünnamasy);

hukuk salgysynyň tassyk haty (degişli şäher we etrap häkimlikleri tarapyndan berilýär);

esaslandyryjynyň we ýolbaşçynyň şahsy kagyzy, pasportynyň nusgasy, wezipä bellenmegi baradaky buýrugyň nusgasy;

goýuma nyrh kesmek baradaky resminama (pul görnüşinde bolmadyk goýumly kärhana esaslandyrylan ýagdaýynda);

esaslyk maýasynyň bir böleginiň tölenendigini tassyklaýan resminama;

statistika edarasynyň bellige alynýanyň göz öňünde tutýan ykdysady iş görnüşleri baradaky maglumat haty (Kärhanalaryň we guramalaryň ykdysady işleriniň görnüşlerine we şertli belgilerine laýyklykda);

esaslandyryjynyň esaslandyrylyş resminamalarynyň (tertipnama, düzgünnama) nusgalary (esaslandyryjy edara görnüşli tarap bolan ýagdaýynda);

Bellige alyş bölümi tarapyndan kärhananyň adyny tassyklaýan delil hat;

bellige alyş ýygymynyň tölenendigini tassyklaýan resminama;

jemgyýetçilik iýmiti kärhanalary (olaryň şahamçalary), dükanlary, dermanhanalary bellige alnanda tehniki taýdan üpjün edilendigini tassyklaýan delil hat.